Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport
baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň
2022-nji ýylyň 27-nji dekabrynda
çykaran 137-Ö belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

# Sport kluby hakynda
# Birkysmy düzgünnama

## I bap. Umumy düzgünler

1. Şu Sport kluby hakynda Birkysmy düzgünnama (mundan beýläk - Düzgünnama) 2020-nji ýylyň 22-nji awgustynda kabul edilen "Bedenterbiýe we sport hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 17-nji maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy hem-de bu Düzgünnama sport klubynyň wezipelerini, ýerine ýetirýän işlerini düzgünleşdirýär.

2. Şu Düzgünnamada ulanylýan esasy düşünjeler "Bedenterbiýe we sport hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda ulanylýar.

3. Sport kluby - okuw-tälimçilik, ýaryşyjylyk, bedenterbiýe-sagaldyş, terbiýeçilik we beýleki sport işlerini amala aşyrýan ýuridik şahs.

4. Sport klublary şu Düzgünnama laýyklykda, öz Düzgünnamalaryny (Tertipnamalaryny) işläp taýýarlaýarlar we tassyklaýarlar.

5. Sport klublary aşakdaky ýaly bolup bilerler:

1) sportuň aýry-aýry görnüşlerini kämilleşdirýän;

2) toplumlaýyn (şol bir wagtda sportuň birnäçe görnüşlerini kämilleşdirýän);

3) höwesjeň;

4) professional;

5) mekdep;

6) talyplar;

7) "Bedenterbiýe we sport hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň düzgünlerine laýyk gelýän beýleki görnüşler.

6. Sport klublary öz guramaçylyk-hukuk görnüşlerine garamazdan, Türkmenistanyň kanunçylygyna hem-de şu Düzgünnama laýyklykda döredilýär we öz işini amala aşyrýar.

7. Sport klublary Türkmenistanda ykrar edilen sportuň dürli görnüşleri boýunça höwesjeň we professional toparlary kanunçylykda bellenilen tertipde döredip bilerler.

8. Sport klublary öz işlerini öz serişdeleriniň we Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik beýleki çeşmeleriň hasabyna amala aşyrýarlar.

## II bap. Sport klubynyň maksady we wezipeleri

9. Sport klubynyň esasy maksady ilatyň arasynda köpçülikleýin bedenterbiýe-sagaldyş we sport işini guramakdan ybarat bolup durýar.

10. Sport klubynyň esasy wezipeleri aşakdakylardan ybarat:

1) ilatyň saglygyny berkitmek maksady bilen, bedenterbiýäni we sporty ösdürmek boýunça çäreleri durmuşa ornaşdyrmak;

2) sport klubynyň agzalarynda bedenterbiýe we sport bilen gündelik meşgullanmaklaryna bolan islegini kemala getirmek;

3) sport we bedenterbiýe-sagaldyş ýaryşlaryny guramak we geçirmek;

4) bedenterbiýe-sagaldyş we köpçülikleýin sport işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak;

5) bedenterbiýäni we sport çärelerini, sagdyn durmuş ýörelgelerini wagyz etmek.

## III bap. Sport klubynyň guramaçylyk esaslary we onuň ýolbaşçylygy

11. Esaslandyryjylary hökmünde ýuridik, şeýle hem fiziki şahslar bolup bilýän sport klublary önümçilik kärhanalary, saglygy goraýyş we bilim edaralary, kärdeşler arkalaşyklarynyň birleşikleri, dini guramalar we beýleki guramalar tarapyndan, şeýle hem raýatlaryň ýaşaýan ýeri boýunça döredilip bilner.

12. Sport bölümlerine, toparlaryna, sagaldyş maksatly toparlara gatnaýan we bedenterbiýe işini guramaga işjeň derejede gatnaşýan türgenler we beýleki isleg bildiren raýatlar özleriniň şahsy ýüz tutmasy esasynda sport klubynyň agzalary bolup biler.

13. Okuwçylary we talyplary bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmaga çekmek, başlangyç, esasy orta, umumy orta bilimiň, başlangyç hünär, orta hünär we ýokary hünär biliminiň bilim maksatnamalaryny durmuşa geçirýän bilim edaralary tarapyndan we (ýa-da) bu edaralarda okaýanlar tarapyndan mekdep sportuny we talyp sportuny ösdürmek we ýaýbaňlandyrmak maksady bilen, ýuridik şahslar bolup durmaýan mekdep sport klublary we talyp sport klublary döredilip bilner. Şeýle sport klublarynyň işi bedenterbiýe we sport babatda ygtyýarly döwlet edarasy bilen ylalaşylyp bilim babatda ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan bellenilen tertipde amala aşyrylýar we degişli bilim edaralarynyň tertipnamalarynda göz öňünde tutulýar.

14. Sport klubyna 3-7 adamdan ybarat bolan Geňeş ýolbaşçylyk edýär.

15. Sport klubyny döreden guramanyň, edaranyň, kärhananyň ýolbaşçylarynyň, şeýle hem fiziki şahslaryň (esaslandyryjylar) çözgüdi bilen sport klubynyň Geňeşi döredilýär we onuň başlygy, orunbasarlary, kätibi, Geňeşiň agzalary bellenilýär, olaryň arasynda borçlar paýlanylýar.

Sport klubynyň Geňeşi Esaslandyryjy tarapyndan tassyklanan meýilnama esasynda işleýär.

Geňeşiň ýygnaklary azyndan 3 (üç) aýda bir gezek geçirilýär we bu ýygnaklarda sport klubynyň öňünde durýan wezipeler ara alyp maslahatlaşylýar. Ýylyň jemi boýunça geçirilýän hasabat ýygnagynda Geňeşiň ýolbaşçysy sport klubynyň agzalarynyň öňünde ýylyň dowamynda ýerine ýetirilen işler barada hasabat berýär.

## IV bap. Sport klubynyň işini guramak

16. Sport klubynda bedenterbiýe-sagaldyş we sport işini geçirmekde umumy ýolbaşçylygy guramanyň, edaranyň, kärhananyň ýolbaşçysy tarapyndan amala aşyrylýar.

17. Sport klubynyň Geňeşi:

1) Sport klubyň agzalarynyň, işgärleriň we olaryň maşgala agzalarynyň sport bölümçelerine, toparlara, sagaldyş, umumy fiziki taýýarlyk maksatly toparlara yzygiderli ýagdaýda gatnamagyny guraýar;

2) saglyk ýagdaýy pes bolan şahslar we maýyplygy bolan adamlar üçin ýörite toparlary döredýär;

3) raýatlar we olaryň maşgala agzalary bilen dürli sport çärelerini geçirýär;

4) guramalaryň ýygyndy toparlarynyň we türgenleriniň sport ýaryşlaryna gatnaşmagyny guraýar;

5) işgärleriň we olaryň maşgala agzalarynyň arasynda bedenterbiýäni we sporty wagyz edýär, bedenterbiýe we sport meseleleri boýunça umumy okuwlary, çykyşlary guraýar;

6) türgenleriň we beýleki bedenterbiýe we sport bilen meşgullanýan fiziki şahslaryň saglyk ýagdaýyna lukmançylyk gözegçiligini üpjün etmek boýunça işi guraýar;

7) bedenterbiýe we sport desgalaryndan netijeli peýdalanylmagyny üpjün edýär;

8) bedenterbiýe we sport babatda ygtyýarly döwlet edarasynyň guramaçylyk düzümleri bilen bilelikde raýatlaryň we olaryň maşgala agzalarynyň saglygyny dikeltmek boýunça maksatnamalary işläp düzmäge gatnaşýar;

9) işiň häsiýetini, işgärleriň ýaşyny we beýleki aýratynlyklaryny göz öňünde tutup, sport klubynyň lukman işgärleri bilen bilelikde bedenterbiýe we sport çäreleriniň görnüşini we mazmunyny kesgitleýär;

10) spartakiadalary, ýaryşlary, bedenterbiýe baýramçylyklaryny, estafetalary, kroslary (päsgelçilikli ýerlerde ýaryşlary) we beýleki köpçülikleýin sagaldyş we sport çärelerini, şol sanda belli senelere bagyşlanan çäreleri geçirýär, bedenterbiýe bilen meşgullanmak üçin zolaklaryň goralmagyny we abadanlaşdyrylmagyny üpjün edýär, sport desgalaryndan, inwentarlardan we enjamlardan netijeli peýdalanylmagyny, bedenterbiýe we sport işi üçin bölünip berilýän maliýe serişdeleriniň tygşytly ulanylmagyny üpjün edýär;

11) guramalaryň, edaralaryň we kärhanalaryň ýolbaşçylary bilen bilelikde bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmak üçin jaýlaryň we sport meýdançalarynyň bölünip berilmegi boýunça işi guraýar;

12) bellenen tertipde sport esbaplaryny we enjamlaryny alýar we olara gözegçilik edýär.

18. Sport kluby aşakdaky resminamalary ýöredýär:

1) sport klubynyň Geňeşiniň iş meýilnamasyny;

2) sport klubynyň Geňeşi tarapyndan tassyklanylýan köpçülikleýin sport we bedenterbiýe-sagaldyş çäreleriniň ýyllyk senenama meýilnamasyny;

3) guramanyň, edaranyň, kärhananyň ýylyň dowamyndaky spartakiadasy we beýleki köpçülikleýin sagaldyş we sport çäreleri barada düzgünnamany;

4) sport ýaryşlarynyň, spartakiadalaryň beýanlaryny;

5) sport bölümçeleriniň we sagaldyş toparlarynyň okuw-türgenleşik sapaklarynyň tertibi we olaryň işiniň hasaba alynýan depderçesini;

6) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki resminamalary.

## V bap. Sport klubynyň agzasynyň hukuklary we borçlary

19. Sport klubynyň agzasynyň aşakdakylara hukugy bar:

1) sport bölümçelerine we toparlaryna, sagaldyş maksatly toparlara we ş.m. gatnaşmaga;

2) spartakiadalara, sport ýaryşlaryna, bedenteriýe-sagaldyş çärelerine, syýahatçylyk gezelençlerine, ýygnaklara we bedenterbiýe baýramçylyklaryna gatnaşmaga;

3) sport desgalaryndan, enjamlaryndan, esbaplaryndan we sport lybasyndan bellenen tertipde peýdalanmaga;

4) sport klubynyň işi bilen baglanyşykly meseleler boýunça öz tekliplerini hödürlemäge.

20. Sport klubynyň agzasy aşakdakylara borçludyr:

1) sport bölümçelerinde, toparlarda ýa-da bedenterbiýe-sagaldyş toparlarynda, yzygider ýagdaýda bedenterbiýe, sport we syýahatçylyk bilen meşgullanmaga, saglygyny berkitmäge;

2) sagdyn durmuş ýörelgelerinden ugur almaga;

3) lukmançylyk gözegçiliginiň talaplaryny berjaý etmäge;

4) sport klubynyň emlägini aýawly saklamaga.

## VI bap. Sport klubynyň Geňeşiniň hukuklary we borçlary

21. Sport klubynyň Geňeşiniň aşakdakylara hukugy bardyr:

1) köpçülikleýin bedenterbiýe-sagaldyş çärelerini geçirmäge, ýygyndy toparlarynyň ýaryşlara gatnaşmagyna gerekli serişdeleriň bellenen tertipde harç edilişine gözegçilik etmäge;

2) bedenterbiýe we sport bilen meşgullanýan işgärleri maddy we ahlak taýdan höweslendirmegi guramanyň ýolbaşçylaryna teklip etmäge.

22. Sport klubynyň Geňeşi şu aşakdakylara borçludyr:

1) öz işiniň Türkmenistanyň kanunçylygyna we özüniň Düzgünnamasyna (Tertipnamasyna) laýyklykda guralmagyny üpjün etmäge;

2) sportuň dürli görnüşleri bilen meşgullanmak üçin şertleri döretmäge we sport enjamlary bilen üpjün etmäge;

3) bedenterbiýe we sport babatda ygtyýarly döwlet edarasynyň soramagy boýunça degişli maglumatlary bermäge.

23. Sport klubynyň öz sport baýdagy, emblemasy we sport nyşanjygy bolup biler.

24. Sport klubynyň işiniň üýtgedilip guralmagy ýa-da ýatyrylmagy Türkmenistanyň kanunçylgyna laýyklykda amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2023-nji ýylyň 24-nji ýanwarynda 1680 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.